Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň
2013-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky 49 belgili
**B U Ý R U G Y**

# Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakynda Düzgünnamany tassyklamak barada

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýygyndysy, 2017 ý., № 1 (23), 862-nji sahypa)

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň döwlet statistikasy babatdaky düzgünlerini ýerine ýetirmek hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ulgamynda statistikanyň hilini ýokarlandyrmak, berilýän statistik maglumatlaryň dogrulugyny, dolulugyny we olaryň öz wagtynda berilmegini üpjün etmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. “Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakynda Düzgünnamany” tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýruk 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasarlary L.J. Amanniýazowa, A. Hangeldiýew, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleriniň başlyklary (M. Esenow, H. Nazarow, A. Ataýew, B. Garaýew, H. Guwanjow, M. Akgaýew), Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirligi (M.A. Kakabaýewa, M.Ç. Kadyrow) gözegçilik etmeli.

**Başlyk** **A. Mämmedow**

Türkmenistanyň Statistika baradaky
döwlet komitetiniň başlygynyň
2013-nji ýylyň 22-nji noýabrynda
çykaran 49 belgili buýrugy bilen
tassyklandy

# Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakynda DÜZGÜNNAMA

## I. Umumy düzgünler

1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksine, „Statistika hakynda“ Türkmenistanyň kanunyna we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakyndaky Düzgünnama laýyklykda işlenip düzüldi hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (mundan beýläk – Türkmenstat) ulgamynda ulanmak üçin niýetlenendir.

2. „Statistika hakynda“ Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk – Kanun) 1-nji maddasyna laýyklykda, döwlet statistika edaralaryna we oňa ygtyýarlylygy bolan edaralara bellenilýän tertipde ilkinji statistik maglumatlary berýän Türkmenistanyň fiziki şahslary, ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we öý hojalyklary, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurt ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we halkara guramalary respondentler bolup durýarlar. Olar bu kanunyň 27-nji maddasyna laýyklykda berilýän statistik maglumatlaryň dogrulygyny, dolulygyny we olaryň öz wagtynda berilmegini berjaý etmäge borçludyrlar. Şonuň ýaly-da bu kanunyň 13-nji maddasyna laýyklykda döwlet statistika edaralary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde respondentler tarapyndan berilýän statistik hasabatlylygyň maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak hukugyna eýedir. Şol kanunyň 20-nji maddasyna laýyklykda statistik usulyýetiň döredilmegine döwlet edaralarynyň, olaryň wezipeli adamlarynyň, şeýle hem beýleki şahslaryň gatyşmagyna ýol berilmeýär; 24-nji maddasyna laýyklykda bolsa, ilkinji statistik maglumatlar ýygnalanda, işlenilende, seljerilende we saklanylanda ýaşyrynlyk olar tarapyndan üpjün edilýär. Döwlet statistika gözegçiliklerini geçirmäge çekilen şahslar alnan maglumatlary diňe statistik maksatlar üçin peýdalanmaga hem-de olaryň ýaşyrynlygyny üpjün etmäge borçludyrlar.

3. Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň (mundan beýläk – Kodeks) 476-njy maddasyna laýyklykda şu Kodeksiň 289–290-njy maddalarynda we 365-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulmalary barada işlere seredýärler we administratiw temmisini berýärler.

4. Administratiw jerimäniň möçberi, Kodeksiň 44-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän binýatlyk mukdardan ugur alnyp kesgitlenilýär.

5. Kodeksiň 44-nji maddasynyň 3-nji, 4-nji bölegine laýyklykda jerimäniň iň pes möçberi binýatlyk mukdaryň 0,02 böleginden az bolup bilmez, jerimäniň aňryçäk ýokary möçberi administratiw hukuk bozulmalarynyň aýry-aýry görnüşleri üçin Kodeksiň Aýratyn böleginde göz öňünde tutulan möçberden köp bolup bilmez. Şonda jerimäniň anyk möçberi administratiw hukuk bozulmalarynyň ýüze çykan her ýagdaýynda bu Kodeksiň 52–53-nji maddalarynda göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hem-de jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar göz öňünde tutulyp kesgitlenýär. Kodeksiň 7-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda administratiw hukuk bozulmany eden şahs babatda ulanylýan temmi adalatly bolmalydyr, ýagny administratiw hukuk bozulmanyň häsiýetine, onuň edilen ýagdaýlaryna laýyk gelmelidir, kanuny we esasly bolmalydyr.

## II. Döwlet statistik hasabatlaryny bermek möhletiniň bozulandygy üçin administratiw temminiň berilmegi

6. Birleşikler, kärhanalar, guramalar we edaralar boýunça döwlet statistiki formalarynyň sanawynda hem-de Statistik işleriň meýilnamalarynda statistik maglumatlary ýygnamagyň we olary işläp, ýokarda durýan edara bermegiň bellenen möhletlerini berjaý etmek zerurlygyndan ugur almak bilen, döwlet statistik hasabatlaryny tabşyrmagyň möhletiniň bir iş gününe çenli dowamlylykda giç berilmegi döwlet statistiki hasabatyny bermek möhletleriniň bozulmagy diýlip kesgitlenilýär.

7. Döwlet statistika edaralaryna döwlet statistik hasabatlarynyň we beýleki degişli statistik maglumatlaryň respondentler tarapyndan bermek möhletleriniň bozulmagy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 289-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

8. Döwlet statistiki hasabatlaryny, pudak edaralarynyň statistikasy tarapyndan emele getirilýän we administratiw binýatlardan alynýan degişli maglumatlary, şeýle hem statistiki gözegçiligi geçirmek ýa-da degişli döwlet statistiki sanawlaryny alyp barmak üçin zerur maglumatlary bermek möhletleriniň bozulandygy üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary babatda administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine, wezipeli adamlara ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

## III. Hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň berlendigi üçin administratiw temminiň berilmegi

9. Hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň berilmegi diýlip, wezipeli adamlar tarapyndan bilkastlaýyn edilen hereketler netijesinde döwlet statistik hasabatlarynda ol maglumatlaryň öz hakyky derejesinden tapawutly edilip

görkezilmegi, statistiki hasabatlary düzmek boýunça hereket edýän gollanmalaryň we usuly görkezmeleriň talaplarynyň bozulmagy hasaplanylýar.

10. Döwlet statistika edaralaryna nädogry statistiki maglumatyň berlendigi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 289-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

11. Hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berlendigi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary babatda administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine, wezipeli adamlara ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

## IV. Döwlet statistika edaralarynyň işine, şol sanda statistik usulyýetiň döredilmegine bikanun gatyşylmagy üçin administratiw temminiň berilmegi

12. Döwlet statistika edaralarynyň işine, şol sanda statistik usulyýetiň döredilmegine, ýagny statistika işinde peýdalanylýan umumy düzgünleriň, ýörelgeleriň, ýörite tärleriň, usullaryň köplüginiň emele getirilmegine bikanun gatyşylmagy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 289-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

13. Döwlet statistika edaralarynyň işine, şol sanda statistik usulyýetiň döredilmegine, ýagny statistika işinde peýdalanylýan umumy düzgünleriň, ýörelgeleriň, ýörite tärleriň, usullaryň köplüginiň emele getirilmegine bikanun gatyşylandygy üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary babatda administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine, wezipeli adamlara ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

14. Döwlet statistika edaralarynyň kanuny işine päsgel berilmegi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 365-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda amala aşyrylýar.

15. Döwlet statistika edaralarynyň we olaryň degişli wezipeli adamlarynyň gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykda olaryň kanuny talaplarynyň, görkezmeleriniň, netijeleriniň we kararlarynyň bellenilen möhletde ýerine ýetirilmezligi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynýar.

## V. Ilkinji statistik maglumatlaryň ýaşyrynlygynyň berjaý edilmezligi üçin administratiw temminiň berilmegi

16. Ilkinji statistik maglumatlaryň ýaşyrynlygynyň berjaý edilmezligi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 290-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Ilkinji statistik maglumatlaryň ýaşyrynlygynyň berjaý edilmezligi, ýagny fiziki ýa-da ýuridiki şahslaryň razylygy bolmazdan olar barada maglumatlaryň bu maglumatlardan peýdalanmaga hukugy bolmadyk döwlet edaralaryna, kärhanalara, guramalara ýa-da fiziki şahslara berilmegi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine çenli möçberinde jerime salynýar.

Ilkinji statistik maglumatlaryň metbugatda çap etmek ýoly bilen aýan edilmegi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň dördüsinden sekizisine çenli möçberde jerime salynýar.

## VI. Döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw temmini bermek boýunça geçirilýän işleriň tertibi

17. Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seretmäge we administratiw temmisini bermäge öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenstanyň başlygynyň, onuň orunbasarlarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika baradaky müdirlikleriniň başlyklarynyň hukugy bardyr.

18. Türkmenstatyň bütin ulgamynda döwlet statistik hasabatlaryny we beýleki ilkinji statistik maglumatlary kabul edýän pudaklaýyn we etrap (şäher) statistika bölümleriniň ýolbaşçylary, statistiki maglumatlaryň dogrulygynyň barlagyny geçirmäge iberilen işgärleri, Türkmenstatyň hem-de sebitleýin statistika müdirlikleriniň ýolbaşçylary tarapyndan statistika kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligiň amala aşyrylmagy tabşyrylan işgärleri statistika hakyndaky kanunçylygyň bozulmalaryny bellige almaga ygtyýarly işgärler bolup durýarlar.

19. Administratiw önümçiligi şu deliller esasynda gozgalyp bilner:

1) administratiw hukuk bozulma wakasynyň bardygyny görkezýän ýeterlik ýagdaýlary Türkmenstatyň we onuň sebitleýin statistika müdirlikleriniň düzümindäki wezipeli adamynyň özüniň, hususan-da, meýilnamalaýyn we ýörite resmi tabşyryk boýunça geçirilýän barlaglaryň netijesinde gös-göni ýüze çykarmagy;

2) döwlet edaralaryndan, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan we jemgyýetçilik guramalaryndan materiallaryň gelip gowuşmagy;

3) fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan berlen habarlar, olaryň arzalary, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen ýaýradylan maglumatlar.

20. Döwlet statistiki edaralarynyň statistika hakyndaky kanunçylygyň bozulmalaryny bellige almaga ygtyýarly işgärleri tarapyndan, administratiw hukuk bozulmanyň wakasy, ýagny statistik hasabatlaryny bermek möhletiniň bozulandygy, döwlet statistika edaralaryna nädogry statistik maglumatlaryň berlendigi, döwlet statistika edaralarynyň işine bikanun gatyşylmagy ýüze çykarylan ýagdaýynda, haýal etmän şu Düzgünnamanyň düzüm bölegi bolan 1-nji goşundyda berlen nusgadaky Administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama düzülýär.

Teswirnamada onuň düzülen senesi we ýeri, ony düzen wezipeli adamyň familiýasy, ady we atasynyň ady, administratiw hukuk bozulmany eden fiziki ýa-da ýuridiki şahs baradaky maglumatlar, administratiw hukuk bozulmanyň edilen ýeri, wagty we mazmuny, Kodeksiň şol administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçilik

göz öňünde tutulan maddasy görkezilýär. Şonda administratiw jogapkärçilik göz öňünde tutulan hukuk bozulmasynyň görnüşi şu Düzgünnamanyň II–V baplaryna laýyklykda kesgitlenýär.

21. Administratiw önümçiligi Administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama düzülen senesinden başlanan hasap edilýär.

22. Hukuk bozulmanyň ýagdaýlaryny goşmaça barlamak ýa-da administratiw önümçilik özi babatda gozgalýan tarap barada maglumatlar zerur bolan halatlarynda administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama administratiw hukuk bozulma ýüze çykarylan pursadyndan soň üç gün möhletde düzülýär. Teswirnamanyň şunuň ýaly gijikdirilip düzülmegi administratiw hukuk bozulmanyň wakasyny ýüze çykaran işgäriň haýal etmän ýazan habarnamasy esasynda resmileşdirilýär.

23. Teswirnama ony düzen adam we administratiw hukuk bozmany eden fiziki şahs ýa-da wezipeli adam gol çekýär. Eger-de teswirnama günäkär işgär gol çekmekden boýun gaçyrýan bolsa, onda bu barada bellik edilýär. Düzgüni bozan işgäriň teswirnama düşündiriş hatyny we belliklerini goşmaga haky bar, şeýlelikde ol gol çekmäge garşylyk görkezmeginiň sebäbini beýan edip biler. Teswirnama gol çekmekden boýun gaçyrmagy işiň bes edilmegine delil bolup bilmez. Teswirnama ähli resminamalar bilen bilelikde degişli statistika edarasyna seretmek üçin berilmelidir we şol ýerde ýörite hasaba alyş depderçesinde bellige alynmalydyr.

24. Administratiw hukuk bozulma barada işe administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan adamyň ýa-da ýuridik şahsyň wekiliniň gatnaşmagynda seredilýär. Diňe işe seretmegiň wagty we ýeri hakynda bu adamyň öz wagtynda habarly edilendigi barada maglumat bar bolanda we işe seredilmeginiň gaýra goýulmagy hakynda haýyşnama gelip gowuşmadyk ýa-da bildirilen haýyşnamany kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen halatlarynda işe olaryň ýoklugynda hem seredilip bilner.

25. Administratiw önümçiligi boýunça materiallara, habarlara we arzalara seretmek Türkmenstatyň Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirliginiň Maglumatlaryň hiline gözegçilik bölüminiň başlygy ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça degişli işgäri (mundan beýläk – Gözegçilik bölümi) hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleriniň maglumatlaryň hiline gözegçilik işi tabşyrylan degişli işgäri (mundan beýläk – Gözegçilik işgäri) tarapyndan amala aşyrylýar.

26. Türkmenstatyň hem-de welaýatlaryň statistika müdirlikleriniň ýolbaşçylary tarapyndan administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama we işiň beýleki materiallary alnan gününden on bäş gün möhletde administratiw hukuk bozulma barada işe garalýar.

27. Administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça goşmaça ýagdaýlary anyklamak zerur bolan halatlarynda işe seretmäge ygtyýarly edaranyň esaslandyrylan karary bilen işe seretmek möhleti bir aýa çenli uzaldylyp bilner.

28. Administratiw hukuk bozulma barada işe seredilende şu kararlaryň biri kabul edilýär:

1) administratiw temmisini bermek barada;

2) administratiw önümçiligi bes etmek barada.

Administratiw önümçiligi bes etmek hakynda karar şu halatlarda kabul edilýär:

1) Kodeksiň 435-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň biri bar bolanda;

2) hukuk bozujyny düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek barada materiallar Kodeksiň 29-njy maddasyna laýyklykda degişli döwlet edaralaryna geçirilen bolsa;

3) administratiw hukuk bozulma barada işe seretmek üçin kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri barada topara geçirilen bolsa.

29. Administratiw jerimäniň salnanlygy baradaky Karar, şu Düzgünnamanyň 2-nji goşundysynda berlen nusga laýyklykda, administratiw hukuk bozulma hakyndaky işe seretmeklik tamamlanandan soň haýal etmän çykarylýar, ony kabul eden wezipeli adamyň goly we möhür bilen tassyklanýar hem-de yglan edilýär.

30. Kararyň netije bölegind talaplary bozulan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ady, degişli maddalarynyň, bentleriň san belgisi şu tertipde ýazylýar:

1) bellenen möhletlerde döwlet statistik hasabatlarynyň berilmändigi, hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň berlendigi üçin – Kanunyň 27-nji maddasy we Kodeksiň 289-njy maddasy;

2) döwlet statistika edaralarynyň işine bikanun gatyşylmagy, olar tarapyndan barlag işleri geçirilende kanuny işe päsgel berilmegi üçin – Kanunyň 13-nji we 20-nji maddalary we Kodeksiň 365-nji maddasynyň 2-nji bölegi;

3) ilkinji statistik maglumatlaryň ýaşyrynlygynyň berjaý edilmezligi üçin – Kanunyň 24-nji maddasy we Kodeksiň 290-njy maddasy.

Administratiw jerimäniň salnanlygy baradaky Kararda oňa şikaýat etmegiň möhletleri we tertibi-de görkezilýär.

31. Kararyň nusgasy üç günüň içinde özi babatda şol karar çykarylan adama ýa-da ýuridik şahsyň wekiline gowşurylýar ýa-da iberilýär.

32. Administratiw temmi bermek hakyndaky karar çykarylandan soň on günüň içinde administratiw işe sereden edara hukuk bozulmasynyň netijesini düzetmek boýunça çäreleri görkezmek bilen, hukuk bozujynyň işleýän kärhanasyna, guramasyna, edarasyna hat iberýär.

33. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleri tarapyndan administratiw jerimäniň salynmagy baradaky Kararyna, olaryň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete ýa-da ýokarda durýan ygtyýarly edara administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça karara şikaýat ýa-da garşylyknama kararyň nusgasy gowşurylan ýa-da alnan gününden on günüň dowamynda getirilip bilner.

Işe seretmäge ygtyýarly edara gelip gowşan şikaýaty ýa-da garşylyknamany iş boýunça ähli materiallar bilen bilelikde üç günüň dowamynda ýokarda durýan ygtyýarly edara iberýär. Eger Karar Türkmenstatyň merkezi edarasy tarapyndan kabul edilen bolsa, onda işe gaýtadan seredilýär ýa-da Kodeksiň 553-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda ýokarky basgançakly kazyýete, kollegial edaranyň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete iberilýär.

34. Administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça çykarylan karar babatda edilen şikaýata ýa-da garşylyknama seredilende şu aşakdaky kararlaryň biri kabul edilýär:

1) karary üýtgetmän galdyrmak, şikaýaty ýa-da garşylyknamany bolsa kanagatlandyrman galdyrmak hakynda;

2) karary üýtgetmek hakynda, şunda özi babatda karar çykarylan şahsyň ýagdaýynyň ýaramazlaşdyrylmagyna we administratiw temmisiniň güýçlendirilmegine ýol berilmeýär;

3) Kodeksiň 39-njy we 435-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda – karary ýatyrmak we adsministratiw önümçiligi bes etmek hakynda;

4) Kodeksde bellenilen talaplaryň bozulmagynyň derejesi administratiw hukuk bozulma barada işiň ýagdaýlaryny tiz we doly anyklamaga päsgel berýän bolsa – karary ýatyrmak we administratiw hukuk bozulma barada işi täzeden seretmäge ibermek hakynda;

5) şikaýata ýa-da garşylyknama seredilende administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça karar bu işi çözmäge ygtyýarly bolmadyk edara tarapyndan çykarylandygy anyklanylan bolsa – karary ýatyrmak we işi degişli edaranyň seretmegine ibermek hakynda.

Administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça karara edilen şikaýata ýa-da getirilen garşylyknama olaryň gelip gowşan gününden on gün möhletde seredilýär.

35. Administratiw hukuk bozulma hakyndaky iş boýunça çykarylan karar baradaky şikaýat ýa-da garşylyknama barasynda çykarylan çözgüdiň göçürmesi özi babatda şol çözgüt çykarylan tarapa, şu Düzgünnamanyň 32-nji bölüminde bellenen düzgüne laýyklykda üç günüň içinde iberilýär.

36. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş barada kararyň ýerine ýetirmäge girizilmegi işe sereden edara tarapyndan amala aşyrylýar. Administratiw temmi bermek hakynda karara şikaýat edilende ýa-da garşylyknama getirilende karar şol şikaýat ýa-da garşylyknama kanagatlandyrylman galdyrylandan soň ýerine ýetirilmäge degişlidir.

37. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş boýunça karar administrtiw jerimäniň ýerine ýetiriş resminamasy bolup durýar we degişli fiziki şahslar hem-de wezipeli adamlar tarapyndan hökman ýerine ýetirilmelidir. Jerimäni tölemegiň tertibi we möhletleri, jerimäniň bellenen möhletde tölenmezliginiň netijeleri Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 577–578-nji maddalaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Jerimäni düzgün bozujy özüne jerime salnandygy hakyndaky kararyň gowşurylan senesinden beýläk otuz günden gijä goýman, şol karar boýunça şikaýat edilen ýa-da garşylyknama bildirilen ýagdaýynda bolsa, şikaýatyň ýa-da garşylyknamanyň kanagatlandyrylman galdyrylýandygy hakyndaky habaryň gowşurylan senesinden beýläk otuz günden gijä goýman wezipeli adamyň işleýän kärhanasynyň, guramasynyň, edarasynyň ýerleşýän ýerindäki ýa-da fiziki şahsyň ýaşaýan ýerindäki bank edarasynda döwlet býujetiniň girdejileri boýunça degişli hasaba geçirilmelidir. Şol möhletleriň dowamynda döwlet statistikasynyň degişli edarasyna bu jerimäniň tölenendigi hakynda bank kwitansiýasynyň nusgasy berilmelidir.

38. Şu Düzgünnamanyň 37-nji bölüminde bellenilen möhletde jerime tölenilmese, onda salnan jerimäniň möçberi geçirilen her gün üçin 0,5 göterim artdyrylýar.

39. Jerime bellenilen möhletde tölenilmedik halatynda degişli karar jerimäniň şu Düzgünnamanyň 38-nji bölümine laýyklykda artdyrylan möçberinde günäkäriň iş hakyndan ýa-da başga girdejisinden, pensiýasyndan ýa-da talyp hakyndan

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen kadalara laýyklykda mejbury tertipde tutup almak üçin iberilýär. Eger jerimä sezewar edilen adam işlemeýän bolsa ýa-da başga sebäplere görä jerimäni hukuk bozujynyň iş hakyndan ýa-da başga girdejisinden, pensiýasyndan ýa-da talyp hakyndan tutup almak mümkin bolmasa, jerimäni tutup almak işe sereden edaranyň jerime bermek hakynda karary esasynda degişli etrap (şäher) kazyýet ýerine ýetirijisine iberilýär.

## VII. Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky materiallaryň prokurora geçirilmegi

40. Administratiw hukuk bozulma barada işe seredilende edilen hukuk bozulmada jenaýatyň alamatlary bar diýip netijä gelinse, işe seretmäge ygtyýarly statistika edarasy materiallary bellenen tertipde prokurora geçirýär.

## VIII. Jemleýji düzgünler

41. Türkmenstat öz kanuny ygtyýarlyklarynyň çäklerinde welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleri tarapyndan şu Düzgünnamanyň berjaý edilişine gözegçilik edýär.

42. Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleri statistik maglumatlaryň dogrulygynyň barlaglarynyň meýilnamalaryny düzýärler, tassyklaýarlar we onuň ýerine ýetirilişi, respondentler tarapyndan statistik maglumatlary bermegiň möhletleriniň bozulmalary hem-de bu babatda görlen çäreler hakynda Türkmenstata döwürleýin hasabatlary berýär.

Türkmenstatyň merkezi edarasy boýunça barlag işleriniň meýilnamasy Gözegçilik bölümi tarapyndan hem düzülýär.

43. Statistik maglumatlaryň dogrulygynyň barlaglary degişli derejelerde Türkmenstatyň başlygynyň hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleriniň başlyklarynyň buýruklary esasynda meýilnamadan daşary hem geçirilip bilner.

44. Gözegçilik bölümi we Gözegçilik işgäri, hususan, hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna geçirilmeli barlaglaryň meýilnamalarynyň işlenip düzülmegini guramak, hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna barlaglaryň geçirilmegini guramak, hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna barlaglaryň netijelerini resmileşdirmek, hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna barlaglaryň netijeleri boýunça kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek wezipelerini ýerine ýetirýär.

45. Administratiw hukuk bozulmasy boýunça işiň ähli resminamalary degişli statistika edarasynda 5 ýyllap saklanylýar.

46. Administratiw hukuk bozulmalar boýunça şu Düzgünnamada bellenenden tapawutlanýan ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, mesele Kodeksde bellenen degişli düzgünler esasynda çözülýär.

*Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakynda düzgünnama*

*1-nji goşundy*

______________________________________

*(döwlet statistika edarasynyň ady)*

______________________________________

**ADMINISTRATIW HUKUK BOZULMA HAKYNDA № _____ TESWIRNAMA**

**20 ____ ýylyň __________________ aýynyň «____»** ______________________________

*(teswirlnamanyň düzülen ýeri)*

________________________________________________________________________________

*(teswirnamany düzen wezipeli adamyň iş ýeri, wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)*

________________________________________________________________________________

________________________________________________________________________________

________________________________________________________________________________

*(admimistratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň işleýän kärhanasynyň, guramasynyň, edarasynyň ady,*

________________________________________________________________________________

*onuň ýokarda durýan guramasynyň ady ýa-da* administratiw hukuk bozulmany eden *fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a.)*

________________________________________________________________________________

*(administratiw hukuk bozulmanyň bolup geçen ýeri)*

Ýüze çykaryldy:________________________________________________________________

(*administratiw hukuk bozulmanyň görnüşi)*

________________________________________________________________________________

________________________________________________________________________________

*(administratiw hukuk bozulmanyň bolup geçen wagty)*

Ýol berlen administratiw hukuk bozulmanyň häsiýetnamasy: __________________________

(*administratiw hukuk bozulmanyň*

________________________________________________________________________________

*görnüşine laýyklykda onuň anyklaşdyrylan mazmuny)*

________________________________________________________________________________

________________________________________________________________________________

________________________________________________________________________________

Görkezilen administratiw hukuk bozulmasyna ______________________________________

*(administratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň*

________________________________________________________________________________

*ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi, iş ýeri, ýaşaýan ýeriniň salgysy)*

______________________________________________________________tarapyndan ýol berildi.

Bu hukuk bozulmasy üçin Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň _____ maddasyna laýyklykda jogapkärçilik göz öňünde tutulandyr.

Administratiw hukuk düzgünini bozuja onuň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 487-nji, 552-nji we 577-nji maddalarynda göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary düşündirildi.

________________________________________________________________________________

*(delilnamany düzen adamyň wezipesi, familiýasy, a., a.a. we goly)*

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 552-nji maddasynda göz öňünde tutulan öz hukuklarym bilen tanyş boldum:

________________________________________________________________________________

(*administratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a. we goly*)

Bellik: ________________________________________________________________________

*Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakynda düzgünnama*

*2-nji goşundy*

______________________________
*(döwlet statistika edarasynyň ady)*
______________________________

**Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş boýunça**

**№ _____ KARAR**

**20 ____ ý. ____________________ aýynyň «____»** ______________________________
*(kararyň düzülen ýeri)*

Men, ____________________________________________________________
*(döwlet statistika edarasynyň ady)*

ýolbaşçysy____________________________________________________________
*(familiýasy, a., a.a.)*

20 ____ ýylyň ______________ aýynyň «____» güni düzülen ________ belgili teswirnama we ____________________________________________________________işleýän
*(wezipesi, iş ýeri )*

____________________________________________________________
*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

tarapyndan administratiw hukuk bozulmasy barada oňa goşulan resminamalara seretdim hem-de ____________________________________________________________
*(işe seredilende belli edilen düzgün bozulmalary)*
____________________________________________________________ kesgitledim.

Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakyndaky düzgünnama esaslanyp,

**KARAR ETDIM:** ____________________________________________________________
*(administratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a.)*
____________________________________________________________
*(kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ady, talaplary bozulan maddalarynyň, bentleriň san belgisi)*
____________________________________________________________bozandygy üçin
____________________________________________ manat möçberinde jerime salmak
*(sanlar we sözler bilen)*
görnüşindäki administratiw temmisine çekmeli.

Jerimäniň geçirilmeli banky, hasabyň san belgisi ______________________________
____________________________________________________________

Jerime düzgün bozujy tarapyndan otuz günlik möhletde tölenmese, salnan jerimäniň möçberi Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksiniň 577-nji maddasyna laýyklykda gijikdirilen günleriniň her biri üçin 0,5 göterim artdyrylýar.

Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş boýunça karara şikaýat onuň nusgasy gowşurylan ýa-da alnan gününden on günüň dowamynda şu Karary çykaran edara berilýär.

Statistika edarasynyň ýolbaşçysy ____________________________________________
*(familiýasy, a., a.a. we goly )*

M.Ýe.

Kararyň göçürmesini aldym:____________________________________________________________
*(jogapkärçilige çekilen wezipeli adamyň ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a. we goly)*

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2013-nji ýylyň 29-njy noýabrynda bellige alyndy.
Bellige alyş sany 715.